«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň
rektory _____ P.Baýramdurdyýew
"14" noýabr 2026ý.

2026-njy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny", "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa ornaşdyrmagyň çäklerinde ýurdumyzyň Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdep okuwçylarynyň arasynda biologiýa we himiýa dersleri boýunça geçiriljek "Açyk internet olimpiadasynyň"

DÜZGÜNNAMASY

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340 belgili Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny" we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyny, "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny" ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak, Türkmenistanyň Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdep okuwçylarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen biologiýa we himiýa dersleri boýunça "Açyk internet olimpiadasy" geçirilýär.

I. UMUMY DÜZGÜNLER

Şu Düzgünnama Türkmenistanyň Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriniň 11-nji we 12-nji synp okuwçylarynyň arasynda biologiýa we himiýa dersleri boýunça "Açyk internet olimpiadasy" (mundan beýläk - olimpiada) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe esasy mesele hökmünde Garaşsyz Watanymyza, mähriban halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyply we başarjaň ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzyň Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdep okuwçylarynyň arasynda biologiýa we himiýa dersleri boýunça olimpiadany geçirmeklik Türkmenistanda tebigy ylmy ugurlar boýunça

bilim-terbiýe bermekdäki milli standartlary dünýäniň öňdebaryjy tejribesi bilen utgaşdyryp, okatmagyň hilini ýokarlandyrmakdan ybarat. Ýaşlaryň bilimlerini artdyrmagyň häzirki zaman döwrebap usullary arkaly sanly bilim ulgamyny ulanmak bilen olaryň başarnyklary we endikleri açylyp görkeziler.

Bäsleşigiň geçirilmegi häzirki döwürde ýüze çykýan ylmy we amaly meseleleri derňemäge ukyply ýaşlary ýetişdirmäge, barha ösýän jemgyýetde başarjaň, bilimli, döredijilikli, zehinli şahsyýetleri kemala getirmäge, zehinli ýaşlaryň biologiýa we himiýa dersleri boýunça bilimlerini has-da artdyrmaga, orta mekdepler bilen ýokary okuw mekdepleriň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga hem-de mekdep okuwçylaryny hünäre ugrukdyrmaga itergi berer.

II. BÄSLEŞIGIŇ ESASY WEZIPELERI

a) häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly nazary meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;

b) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak hem-de höweslendirmek;

ç) sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleri bilen orta mekdepleriň özara aragatnaşygyny pugtalandyrmak;

d) bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklere gatnaşýan okuwçylaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak;

e) mekdep okuwçylarynyň intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek.

III. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI WE ŞERTLERI

- 2026-njy ýylyň 4-nji dekabrynda sagat 10:00-da "Biologiýa" dersi boýunça, 2026-njy ýylyň 5-nji dekabrynda sagat 10:00-da bolsa "Himiýa" dersi boýunça bellenilen Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriň bir wagtda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy bilen online görnüşinde göni wideo aragatnaşyk arkaly baglanyşmagy bilen geçiriler.
- Biologiýa we himiýa dersleri boýunça olimpiada ýurdumyzyň ähli Tebigy ylmy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen mekdepleriň okuwçylarynyň arasynda geçirilip, dersler boýunça aýratynlykda mekdepleriň 11-nji we 12-nji synplarynyň her birinden 3 (üç) okuwçy gatnaşyp biler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň web saýtynyň *(https://ihba.edu.tm/)* üsti bilen bilim portalynyň binýadynda orta mekdepleriniň özünde online gatnaşmak arkaly geçiriler;
- Gatnaşyjylaryň ählisi şahsy häzirki zaman kompýuterleri bilen üpjün edilmelidir. Ähli kompýuterleriň internete çatylmagy hökmanydyr (internet ýeterlikli tizlikde işleýän bolmaly);

- Olimpiadanyň geçirilýän ýerini doly gözegçilikde saklamak we ýazgy etmek üçin web kamera gurnamaly hem-de olaryň mikrofonlary olimpiada tamamlanýança doly işjeň ýagdaýda açyk bolmaly;
- Gatnaşyjylara öz ýany bilen aragatnaşyk serişdelerini, elektron-hasaplaýjy tehnikany, foto, audio we wideo enjamlaryny, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat göterijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri ulanmak rugsat berilmeýär;
- Bäsleşige gatnaşýan okuwçylar soraglary hem-de ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da kitap-gazet we beýleki maglumat serişdelerini ulanan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;
- Bäsleşige gatnaşjak okuwçylar we jogapkär mugallym baradaky maglumatlary 2026-njy ýylyň 1-nji dekabryna çenli aşakda görkezilen görnüşinde *word (*.docx) faýlynda* ihba.olimp@gmail.com salgysyna ugratmaly.

Dersiň ady: ***(biologiýa / himiýa)***

(Mekdebiň ady, doly salgysy hem görkezilmeli)			
T/b	**Jogapkär mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady**	**Wezipesi**	**El telefony, elektron poçtasynyň salgysy**
1			
T/b	**Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady**	**Synpy**	**Suraty** *(3*4-lik)*
1			
2			
3			

IV. OLIMPIADANYŇ EMINLER WE GÖZEGÇI TOPARY

- Mekdep okuwçylarynyň biologiýa we himiýa dersleri boýunça olimpiadany üstünlikli geçirmek we jemini jemlemek üçin Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy tarapyndan eminler topary döredilýär;
- Orta mekdeplerinden jogapkär mugallymlar olimpiadanyň geçirilişine onlaýn wideoşekiller arkaly gözegçilik edip bilerler;
- Islendik gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bar. Arz-şikaýatlar bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna elektron poçta arkaly ýüz tutup biler;

- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

V. OLIMPIADANYŇ JEMINI JEMLEMEK WE ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Olimpiadanyň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener;
- Olimpiadanyň netijesi beýanlar arkaly resmileşdiriler we eminler toparynyň netijenamasy esasynda gatnaşýan okuwçylaryň ýeňijileri yglan edilip, ýeňijiler barada maglumatlar akademiýanyň web saýtynda ýerleşdiriler;
- Ýeňijiler Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy tarapyndan degişlilikde I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.

Habarlaşmak üçin telefon: *+993 62 155373*

Email: ihba.olimp@gmail.com

Guramaçylyk topary